# «Otyryn men ýañlyzlyga bürenip…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Otyryn men ýañlyzlyga bürenip…" «OTYRYN MEN ÝALÑYZLYGA BÜRENIP…»




Otyryn men ýañlyzlyga bürenip,
Şu mahalam hyýalymda at çapýañ
Bilýän, aramyzda uzak menzil bar,

Salgymlara umyt nazarly bakýan.
Asman ýyldyzlary göz gyrpýar ogryn,
Men özümi aýdan gümden gabanýan.
Göwnüme bolmasa äpet kölegeler,
Üstüme haýynlyk bilen abanýar.

Ýalňyzlyk gorkusy girdaba salýar,
Çesme bolup akýan kenara çykman.
Akaryn men sen kenarda garaşgyn,
Hic kime şelaýyn ýylgyryp bakman!

Hemmeler ukuda, ýatyr salamat,
Menden özge oýalykda ören ýok.
Dine sen duýmasaň meniň yşkymy
Onuň keşbin senden özge gören ýok.

Meniň ýylgyryşym seniňki bolar,
Gara gijelere tämizlik berjek.
Oturaryn geleriňe garaşyp,
Ýöne garaşýanym sen nirden biljek?

Selbinýaz. Goşgular